# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

toparynyň işine işjeň ýardam bermegini dowam eder. Sanly tehnologiýalaryň ösdürilmegi bu günki günde önümçilik gatnaşyklarynyň, hyzmatlar ulgamynyň ösmegi we çylşyrymlaşmagy, tehnologik hem-de düzümleýin ilerlemäniň ýokary depgini, çözgütleriň köpdürlüligi bilen bagly täze şertleriň döremegi dolandyryşyň çeýe görnüşine bolan zerurlygy ýüze çykarýar [5].

### EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
2. *Geldiýew H., Suwhanow N.* Halkara energetika howpsuzlygy. – A.: TDNG, 2017.
3. *Karaýew B., Gurbanow N., Joraýew G.* Türkmenistanyň daşary syýasaty. – A.: TDNG, 2017.
4. iirmfatm@iirmfa.edu.tm,%20iirmfatm@sanly.tm.
5. https://www.turkmenmetbugat.gov.tm/tk/articles.



**Merjen Taganowa,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*


## TÜRKMENISTANYŇ BMG-NIŇ ÝÖRITELEŞDIRILEN EDARALARY BILEN HYZMATDAŞLYGYNYŇ ESASY UGURLARY

Birleşen Milletler Guramasy – bu parahatçylygy goldamak hem-de ýurtlaryň arasynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin özygtyýarly döwletleriň meýletin birleşmegi esasynda döredilen halkara guramalaryň biri. Ilkinji gezek şeýle guramany döretmek meselesi 1943-nji ýylyň oktýabrynda Moskwada, soň 1944-nji ýylda Dumwarton-Oksda (ABŞ-da) SSSR-iň, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň wekilleriniň maslahatynda çözüldi. 1945-nji ýylyň fewralynda üç beýik döwletiň Ýalta (Krym) konferensiýasynda şeýle halkara guramany döretmek meselesi gutarnykly çözüldi. Bu gurama 1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde San-Fransiskoda (ABŞ-da) geçirilen konferensiýada döredildi. Şol ýylyň 26-njy iýunynda 50 ýurduň wekilleri biragyzdan BMG-niň Düzgünnamasyny kabul edilip, ol Düzgünnama 24-nji oktýabrda güýje girýär. Şondan bäri 24-nji oktýabr BMG-niň döredilen güni hökmünde bellenip geçilýär. BMG-niň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri Nýu-Ýork, onuň Ýewropadaky merkezi Ženewa şäheridir. BMG-niň maksady, onuň öz Düzgünnamasynda ýazylyşy ýaly, “parahatçylyga salynýan howpuň öňüni almak hem-de ýok etmek we agressiýa aktlaryny ýatyrmak üçin” toparlaýyn çäreler görmek bilen, parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamakdan, milletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýmakdan, ykdysady, sosial, medeni hem-de gumanitar häsiýetdäki halkara meselelerini çözmekde hyzmatdaşlygy amala

aşyrmakdan, adamyň hukuklaryny we azatlygyny hormatlamagy ösdürmekden ybaratdyr. Uzak ýyllaryň dowamynda BMG halkara çökgünlikleriň öňüniň alynmagynda we uzaga çeken dawalaryň parahatçylykly ýol bilen çözülmeginde uly rol oýnaýar. Ol dawalaryň öňüniň alynmagy, parahatçylygyň saklanmagy we ynsanperwer kömekleriň berilmegi ýaly meselelerde toplumlaýyn çäreleri amala aşyrdy. Şeýle hem meseleler çözülende BMG-niň hemme agzalary deň hukuklylygy bilen bellenilen tertipde seredilýär.

Bu gurama döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk esasynda iş alyp barýar. Ilkibaşda BMG-niň agzalary 51 döwletde, 1972-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli olaryň sany 132-ä ýeten bolsa 2011-nji ýylda eýýäm 193 döwlete barabar boldy. BMG – bu uly forum bolup, ol ýerde ähli döwletleriň wekilleri biri-biri bilen duşuşmaga mümkinçilik tapýarlar. Soňky maglumatlara görä, Sekretariatyň işgärleriniň sany bütin dünýä boýunça, takmynan, 40 müňe barabardyr. Guramanyň resmi dilleri: iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleridir. BMG-niň esasy organlary Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we sosial geňeşi, Halkara Kazyýeti we sekretariatdyr [1].

Halkara guramalar halkara gatnaşyklaryň wajyp subýekti bolup durýar we soňky ýyllarda dünýäniň syýasy ýagdaýyna has netijeli täsirini ýetirýär. Hojalyk durmuşynyň halkaralaşmagy dünýä hojalygyny XXI asyrda ösdürmegiň esasy meýli boldy. Döwlet dünýä hojalyk gatnaşyklar ulgamyna näçe işjeň goşuldygyça, şonça hem onuň beýleki ýurtlar bilen özara gatnaşyga ugur alýandygyny, jemgyýetiň we onuň raýatlarynyň maddy hal-ýagdaýynyň has ýokarlanýandygyny görkezýär. Şol sebäpli dünýä hojalygynyň ösüş kanunalaýyklyklaryny, bir ýurtlaryň üstünlik derejesini we beýlekileriň şowsuzlyk ýagdaýyny bilmek zerur bolup durýar. Halkara guramalaryň we integrasiýalaryň häzirki zaman ösüş ýagdaýy dünýä hojalygynyň möhüm häsiýetnamasy bolup durýar hem-de döwletlere çig mal, ýangyç, zähmet resurslaryny has rejeli peýdalanmaga, territorial zähmet bölünişigini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Halkara gatnaşyklaryň ösüşi, daşary syýasaty netijeli amala aşyrmak köp babatda halkara guramalaryň we integrasiýalaryň işlerine bagly. Garaşsyz döwletler milli wezipeleri netijeli amala aşyrmak üçin amatly halkara gurşawy döretmek bähbidine esaslanyp, öz gatnaşyklaryny, adatça, daşarky hyzmatdaşlar bilen alyp barýar. Döwletiň daşary syýasaty örän wajyp, emma onuň içerki meselelerini çözmekde, köplenç, kömekçi wezipesini ýerine ýetirýär. Soňky onýyllyklarda döwletleriň özara baglanyşyklygynyň ösmegi, olaryň durmuşynyň halkaralaşmagy, ählumumylaşmak ýagdaýynyň çuňlaşmagy aýry ýurtlaryň milli meselelerini netijeli çözmekde halkara ýagdaýlaryň ähmiýetini has ýokarlandyrdy. Olaryň halkara we içerki syýasatlarynyň özara baglanyşygy gitdigiçe artýar. Bu döwletlere milli ösüş üçin amatly halkara gurşawy döretmek işinde öz orunlaryny ýokarlandyrmagyň ýollaryny gözlemegi talap edýär. Bu bolsa, öz gezeginde, ýurtlara diňe bir

halkara giňişliginde alnyp barylmaly umumy düzgünleri we kadalary ylalaşmak mümkinçiligini däl, eýsem olary hökmany berjaý etmegiň serişdelerini üpjün edýän köptaraply diplomatiýanyň dürli görnüşlerini ösdürmekligi talap edýär.

Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine işjeň integrirleýän häzirki döwründe halkara guramalaryň iş aýratynlyklaryny, olaryň çäklerinde ýüze çykýan meseleleri, olary çözmek ugrunda ýurtlaryň bilelikde edýän tagallalaryny öwrenmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Häzirki döwürde Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmak we olary ösdürmek bilen, bu ugurda toplan tejribesine esaslanyp, geosyýasy, geoykdysady we medeni-gumanitar ugurlar boýunça halkara gatnaşyklary giňeldýär we çuňlaşdyrýar. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde ýurtlaryň bir-birine bolan garaşlylygy artýar we netijede, bu gatnaşyklary kadalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

BMG-niň Ösüş maksatnamasy (United Nations Development Programme, UNDP) – milletleriň ykdysady ösüşine kömek bermek boýunça BMG-niň guramasy. BMG-niň Ösüş maksatnamasy 1966-njy ýylda BMG-niň Ýörite gaznasy bilen tehniki kömek bermegiň giňeldilen maksatnamalarynyň birleşmegi netijesinde döredildi. Dünýäniň 177 döwletinde wekilleri işleýän BMG-niň Ösüş maksatnamasy ösýän ýurtlara maliýe kömegini bermek üçin hödürnamalary taýýarlaýar. Türkmenistan BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen işjeň hyzmatdaşlygy saklaýar. 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Türkmenistanyň hökümeti bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda ylalaşyga gol çekildi. 1994-nji ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň wekilhanasy resmi taýdan işe başlady. 1995–2015-nji ýyllar aralygynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy hyzmatdaşlary bilen ýurdumyzyň çäginde umumy bahasy 37 mln dollardan gowrak 120-ä golaý taslamalary amala aşyrdy we häzirki wagtda 10-dan gowrak taslamalary amala aşyrýar.

BMG-niň Çagalar gaznasy, UNISEF (United Nations International Children's Emergency Fund) 1946-njy ýyldan bäri hereket edýän BMG-niň çagalara kömek berýän adatdan daşary halkara gaznasy. Işiniň esasy maksady – çagalaryň hukuklaryny goramak we olaryň howpsuz, sagdyn we bagtly çagalyk hukugyny goldamak. Häzirki wagtda Gazna 190-dan gowrak ýurtda işleýär. UNISEF-iň esasy wezipeleri: her bir çaga üçin durmuş adalatlylygyny, ýokary hilli bilimi üpjün etmek; elýeterli lukmançylyk üpjünçiligini we iýmit bermek; çagalara, ýetginjeklere we aýallara lukmançylyk-hukuk kömegini bermek; sançgy we immunitet (ýokmazlyk) döretmek üçin Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Bütindünýä banky bilen bile işleşmek; ösýän ýurtlary sançgy, dermanlar bilen üpjün etmek; tebigy weýrançylyk, harby hereketler we beýleki ýagdaýlar netijesinde çagalaryň talabalaýyk ösmegi üçin zerur şertleriň ýok sebitlerine ynsanperwer kömegini bermek. Çagalaryň sagdyn ösmegini, hukugyny berjaý etmegi, olaryň mümkinçiliklerini açmagy üpjün etmek boýunça strategik meýilnamalary amala aşyrmak üçin UNISEF ýöriteleşdirilen

guramalar we hökümetler bilen hyzmatdaşlyk edýär. Şol sanda Türkmenistan döwletimiz bilen hyzmatdaşlygy birnäçe ýyllar bäri dowam edip gelýär.

BMG Türkmenistanyň Hökümetiniň, Mejlisiň hem-de Adalatçynyň Diwanynyň adam hukuklary ulgamynda däp bolan hyzmatdaşydyr. ÝUNISEF bilen bilelikde alnyp barylýan işler çaganyň hukuklaryny goramagyň ileri tutulýan ulgamlarynda bu hyzmatdaşlygyň örän möhüm ugry bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda çaganyň hukuklarynyň goralmagyny hem-de durmuşa geçirilmegini kadalaşdyrýan ygtybarly milli hukuk binýady döredildi, ol halkara resminamalara daýanýar. Çagalaryň hukuklaryny üpjün etmegiň kepillikleri berkidilen esasy hukuk binýady ýurdumyzyň Konstitusiýasynda hem-de "Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda öz beýanyny tapýar. Kanunçylyk ugurlaryndan başga-da ýurdumyzda çagalaryň hukuklarynyň üpjün edilmegine hem-de ilerledilmegine gönükdirilen uzak möhletleýin maksatnamalaryň we strategiýalaryň onlarçasy üstünlikli amala aşyryldy. 2018-nji ýylda Türkmenistan bilen ÝUNISEF-niň arasynda 2016–2020-nji ýyllarda hyzmatdaşlyk etmek baradaky Maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanyň Adalatçysynyň Diwanynyň we ÝUNISEF-niň 2018–2019-njy ýyllar üçin ilkinji bilelikdäki iş meýilnamasyna gol çekildi. Ol BMG-niň çaganyň hukuklary boýunça Komitetiniň we BMG-niň maýyplaryň hukuklary boýunça komitetiniň tekliplerini beýan etmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy. Bu meýilnamanyň çäklerinde ÝUNISEF Adalatçynyň Diwanyna çaganyň hukuklaryny ýerine ýetirmek we täze edara hökmünde Adalatçynyň Diwanynyň mandaty bilen baglanyşykly meseleler boýunça ýerli häkimiýet edaralarynyň wekilleri bilen welaýatlarda maslahatlary we geňeşmeleri geçirmäge ýardam berdi.

Birleşen Milletler Guramasy daşky gurşawy goramak meselelerini çözmeklige uly goşant goşýar. Tebigaty goramak we peýdalanmak boýunça halkara guramalar dünýäniň ähli ýurtlarynda diýen ýaly hereket edýär, ýolbaşçylyk edýän edaralar bolsa, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynda jemlenen. BMG-niň Baş Assambleýasy tebigaty goramaga degişli wajyp meselelere garaýar, guramanyň umumy syýasatyny we esasy iş ugurlaryny kesgitleýär, rezolýusiýalary we beýannamalary kabul edýär, halkara maslahatlary geçirýär. BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň Tertipnamasyna laýyklykda, halkara ekologik hyzmatdaşlykda aýratyn orny tutýar. BMG daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri peýdalanmak boýunça köptaraply işlerini Ykdysady we Durmuş geňeşiniň üsti bilen amala aşyrýar. Onuň ähli esasy edaralary we ýöriteleşdirilen guramalary tebigaty goraýyş işlerine gatnaşýar. BMG-niň Howanyň üýtgemegi hakynda çarçuwaly konwensiýasyny mysal getirende, Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasyna 1995-nji ýylyň 5-nji iýunynda we BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň Kioto teswirnamasyna 1998-nji ýylyň 10-njy dekabrynda goşuldy [2].

BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy, ÝUNESKO (United Nations Education, Scientific and Cultural Organization) – parahatçylyga we halkara howpsuzlyga, döwletleriň arasynda bilim, ylym we medeniýet boýunça hyzmatdaşlyga ýardam bermek maksady bilen, 1946-njy ýylda döredilen gurama. Gurama durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň ösüşi we adam bilen daşky gurşawyň özara gatnaşygy boýunça ylmy-derňew işlerini ýerine ýetirýär. Bilşimiz ýaly, biziň ýurdumyz bilen ÝUNESKO-nyň hyzmatdaşlygy has-da ýakyn. Ýurdumyzda milli medeni ýadygärliklerimizdir däbe öwrülen halyçylyk sungatymyz hem ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi hem Türkmenistan döwletimiziň ösüşine, şeýle-de halkara gatnaşyklarynda tutýan ornunyň we abraýynyň has-da beýgelmegine ýardam edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy esasynda 1945-nji ýylda döredilen Ykdysady we Durmuş geňeşi (EKOSOS) durnukly ösüşiň ähli üç – ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryny ilerletmek boýunça BMG-niň iş ulgamynda merkezi orny eýeleýär. Ykdysady we Durmuş geňeşi söwda, ulag, ykdysady ösüş we durmuş ýagdaýlary bilen bagly ykdysady meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylýan edarasydyr. Ondan başga-da ol döwletlere bilimi kämilleşdirmegiň we ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmagyň ugurlaryny gözlemäge kömek edýär hem-de dünýäniň islendik ýerinde adamyň ählumumy hukugynyň we azatlygynyň berjaý edilmegine ýardam edýär. Geňeşiň esasy wezipesi – halkara durmuş-ykdysady meseleleri ara alyp maslahatlaşmak; ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ýardam bermek, ilatyň iş bilen doly meşgullygyny we durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmek; halkara durmuş-ykdysady we ilatyň saglygyny goramak meselelerini çözmäge kömek etmek hem-de medeniýet we bilim boýunça halkara hyzmatdaşlyga ýardam bermek. Geňeşiň düzümine BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan saýlanan, üç ýylyň dowamynda öz wezipelerini ýerine ýetirýän 54 agza girýär. Türkmenistan 2013–2015-nji hem-de 2019–2021-nji ýyllarda Ykdysady we Durmuş geňeşiniň düzümine agzalyga saýlanyldy.

Azyk we oba hojalyk guramasy (Food and Agriculture Organization) BMG-niň ulgamynda oba sebitlerini we oba hojalyk önümçiligini ösdürmek meseleleri bilen meşgullanýan esasy guramadyr. Guramanyň şygary: “Açlyk çekmeýän dünýäni gurmaga kömek edýäris!”. Guramanyň esasy iş ugry hemmeler üçin azyk howpsuzlygyny gazanmakdan, ýagny adamlary ýokary hilli azyk önümleri bilen ýeterlik möçberde, wagtly-wagtynda üpjün etmek mümkinçiligini döretmekden ybarat bolup durýar. Häzirki wagtda 194 döwlet, şol sanda Türkmenistan hem bu guramanyň agzasydyr. Dünýäniň garyplyk we açlyk meselelerini azaltmak üçin BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy oba hojalygyny ösdürmäge, iýmiti gowulandyrmaga we azyk howpsuzlygyny çözmäge gönükdirilen işlere ýardam berýär [3].

Bir söz bilen beýan edende, Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygyny häzirki wagta çenli dowam edip gelýär. Bu hyzmatdaşlygyň esasynda bolsa, halkara gatnaşyklarynyň ösüşinde, döwletimize bähbitli hyzmatdaşlyklaryň has-da giňelmeginde ýardamçy serişde hökmünde çykyş eder.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XIV tomlar. – A.: TDNG, 2008–2022.

3. *Geldymuhamedowa O*. we başg. Halkara guramalar we integrasiýalar. – A.: TDNG, 2019.

4. Право на доступ к правосудию по вопросам, касающимся окружающей среды. Пособие по применению Конвенции ЕЭК ООН "О доступе к информации, участии общественности в процессе принятия решений и доступе к правосудию по вопросам, касающимся окружающей среды" в Туркменистане. – А., Орхус-Центр, 2014.



**Atajan Metjiýew,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*


# PARAHATÇYLYK, HOWPSUZLYK WE DURNUKLY ÖSÜŞ ÜÇIN BITARAPLYGYŇ DOSTLARY TOPARYNYŇ ÄHMIÝETI

Parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş üçin bitaraplygyň dostlary toparyna, dawalary düzgünleşdirmekde ähmiýetli mümkinçilige eýe bolan topar hökmünde seretmek bolýar, bu bolsa ony Birleşen Milletler Guramasynyň dialoglary üpjün etmäge, teklipleri işläp taýýarlamaga ugrukdyrylan, şeýle hem 2030-njy ýyla çenli döwürde gün tertibine, esasanam Parahatçylyk, Adalat we Güýçli Guramalara degişli №16 we 17 maksatlara ýetmek üçin we bu Maksatlar üçin Hyzmatdaşlyga goşant goşýan topar hökmünde möhüm bölümine öwürýär.

Bu aýratyn toparyň mümkinçiligini seljermek maksady bilen bu makala şeýle soraga jogap berýär:

Parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş üçin Bitaraplygyň dostlary toparynyň dawalary düzgünleşdirmekdäki mümkinçilikleri?

Bitaraplyk we onuň ýörelgeleri dawalary düzgünleşdirmek prosesinde ulanylyp bilnermi?

Ýakynda döredilen bu topar derňelmäge we mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga mynasypdyr, şonuň üçin bu makalanyň geljekde bu toparyň nähili işlejekdigine düşünmek üçin ýokarda agzalan soraglara jogap berer diýip pikir edýärin.

Topar 7-nji dekabrda BMG Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde türkmen wekiliýetiniň başlangyjy bilen döredildi. Türkmenistan tarapyndan taýýarlanan "Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi goldamakda we berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň ähmiýeti we roly" atly A/RES/75/28 rezolýusiýada